# «Eje» goşgy – Annabeg AŞYROWA

Category: Goşgular
написано kitapcy | 15 марта, 2025



Mähribanym, sensiň ýüregmiň nury,
Her sözüňe gurban bolaýyn, eje.
Sen meniň dünýämiň barlygy, bary,
Mydam gujagyňa dolaýyn, eje.
«Eje», gör, nähili ajaýyp owaz,
Şirin hüwdüleriň jana lezzetli.
Eje, jigerim sen, dem alýan howam,
Seniň bilen geçýän wagtym gymmatly.
Göreldesiň, ýörelgesiň durmuşda,
Giň ganatyn gerip goraýan ejem.
Men bagtly eje, seniň baryňda,
Halymdan hal-habar soraýan ejem.
***Daşoguz habarlary gazeti 2022-nji ýylyň 13-nji oktýabry***
***Annabeg AŞYROWA,talyp.***